# Meşhur ýazyjy-şahyrlaryň gyzyklanan pişeleri

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Meşhur ýazyjy-şahyrlaryň gyzyklanan pişeleri MEŞHUR ÝAZYJY-ŞAHYRLARYŇ GYZYKLANAN PIŞELERI

Elbetde, adamyň jany-teni bilen höwes edýän işine meşgullanmaga islegi, onuň il deňinde gün-güzeran aýlamak zerurlygy bilen utgaşsa, oňa ýetesi zat ýok. Çünki, psihologlaň aýtmagyna görä, öz göwnüňden turýan işe meşgullanmak, ýürekdeş dostlaryň hem-de abat, agzybir maşgala durmuşyň bolmagy bilen birlikde, hakyky bagtyň esasy üç şertiniň birimiş.
Ýöne, dürli sebäplere görä, şeýle mümkinçiligiň bolmadyk ýagdaýynda-da, durmuşda esasy işiň (güzeran aýlamak (başartsa bolelin ýaşamak, eger-de çüwse baýamak) üçin meşgullanylýan işiň) daşyndan, haýsydyr bir özüňe lezzet berýän pişä (“hobbi” diýilýämişdik), güýmenmek – bu (ýene-de şo “psiholog” diýilýän köpbilmişleň aýtmagyna görä) öz şähdiňi açmagyň, beýniňi köşeşdirmegiň hem-de adaty bir öz boş wagtyňy gyzykly geçirmegiň iňňän oňat usuly bolup durýarmyş. Belki, hut şoň üçindir adamlaň aglaba köpüsi, öz höwes edýän pişesini wagtyny hoş geçirmegiň hem-de beýnisine dynç bermegiň iň gowy täri hökmünde kabul edýär.
Döredijilik bilen meşgullanýan adamlaryň köpüsiniňem, esasy işi bolan ýazmakdan daşgary, bir ýa-da birnäçe pişesi bolupdyr. Şolaryň käbirleri hakda dürli internet çeşmelerinden jemlenen gysgajyk maglumatlary hödürleýärin (belki, güýmenjeler hakda maglumatlar sizi birazajygam bolsa güýmemegi başarar  ).

1. Meşhur fransuz şahyry we ýazyjysy Wolter boş wagtyny döwük sagat bejerip geçirmegi halapdyr. Ol hatda bejerilen ýa-da täze ýasalan sagatlary satmagy-da ýola goýupdyr. Ol

Şweýsariýada kiçeňräk firma açyp, sagatlary dürli ýurtlara satmagy gurnapdyr.

2. Meşhur fransuz dramaturgy Pýer Ogýusten Bomarşe-de, edil Wolter ýaly, boş wagtlary döwülen sagatlary bejermegi halapdyr.

3. Meşhur fransuz satirigi Lafonten boş wagty arassa howada gezelenç etmegi eý görüpdir. Şeýdip seýil edende-de ol ellerini galgadyp, bökjekläp ýöremegi we ýanynda adam bolsa-bolmasa sesli goşgy okamagy, täze kapyýalary oýlap tapmagy gowy görüpdir. Onuň ýaşaýan şäheriniň ilaty Lafonteniň bu häsiýetine belet ekeni, şonuň üçinem, onuň bolşy hiç kimi geň galdyrmaýan ekeni.

4. Adybelli nemes şahyry we filosofy Gýote bolsa, gyzykly güýmenje hökmünde üýtgeşik usullar bilen jümjüme (benewşe, melewşe) gülüniň dürli täze görnüşlerini (sortlaryny) ýetişdirmek bilen meşgullanypdyr. Öz ýaşaýan Weýmar şäheriniň töwereginde gezelenç edende Gýote göwnüne laýyk bolan hemme ýerde jümjüme tohumyny sepipdir. Şahyryň bu pişesi sebäpli şäheretegi tutuşlygyna diýen ýaly näzik gögümtil reňkli jümjümeden doly bolupdyr. Şondan bäri şol gülzarlyklar häzirki güne çenli “Gýotäniň gülleri” diýen at bilen tanalýar.

5. Belli rus dramaturgy we şahyry Aleksandr Sergeýewiç Griboýedow, birnäçe daşary ýurt dillerini bilipdir, fortepianony ussatlyk bilen çalypdyr we özüniň esasy käri bolan diplomatlyk işinden daşgary, öz pişesi hökmünde saz düzüpdir, drama eserini ýazypdyr. Onuň “Wals №2 mi minor” we “Wals lýa mažor” atly, nusgawy sazlar bilen meşgullanýan sazandalara belli sazlary bardyr.

6. Aleksandr Sergeýewiç Puşkiniň pişesi çaklaňja hasajyklary (trostlary) toplamak (kolleksionirlemek) bolupdyr. Onuň käbir hasajyklarynyň agramy, içine gurşun guýlup, goranyş ýaragy hökmünde ýörite ýasalandygy sebäpli 15 kilogramdanam geçipdir. Emma, şol döwrüň nysagyna üýtgewsiz eýerýän A.Puşkin, şeýle

agyr hasajyklar bilen gezelenç etmegi halapdyr. Ondan başga-da A.Puşkiniň ýene-de bir hyjuwly pişesi kart oýnamak bolupdyr. Şahyr özüniň humarbazlygy sebäpli köplenç bolan puluny utduryp, ýene-de gyssagly gazanç etmek (galamhakyny almak) üçin, çaltlyk bilen täze-täze eserleri ýazmaga mejbur bolupdyr.

“Dile geldi, bile geldi”, ýeri gelende aýtsak, A.Puşkiniň galamhaky (gonorary) şol döwürde örän ýokary bolupdyr. Mysal üçin, ol özüniň ilkinji erteki-poemasy “Ruslan we Lýudmila” üçin 1500 rubl galamhaky alypdyr. Soňra “Iwan Petrowiç Belkiniň powestleri” atly kyssa eserleriniň ýygyndysy üçin 5000 rubl, “Boris Godunow” eseri üçin 10 000 rubl, “Ýewgeniý Onegin” şygyrda ýazylan romany üçin 12 000 rubl galamhaky alypdyr. Şu günki günde erkin ýörgünli daşary ýurt pulunda (walýutada) A.Puşkiniň diňe “Ýewgeniý Onegin” üçin galamhakynyň möçberini hasaplasaň, 150 000 amerikan dollary bolýar.

7. Nikolaý Wasilýewiç Gogolyň pişesi köp ekeni. Ol kellesine dynç bermek üçin çişde nämedir bir zat örmegi halapdyr. Ol özüne şarf, bokurdaga daňylýan ýaglyk örünipdir. Ondan başga-da N.Gogol makarondan dürli tagamlary taýýarlap, myhmanlaryna hödürlemegi gowy görüpdir. Onuň ýene-de bir güýmenjesi kindiwanja (miniatýur) kitaplary toplamak (kolleksionirlemek) bolupdyr. Şeýle kitaplary satyn almaga ol özüniň galamhaklarynyň agramly bölegini sarp edipdir.

8. Mihail Ýurýewiç Lermontowyň pişesi nakgaşlyk (surat çekmek) bolupdyr. Ol öz ýazan eserleriniň surat bezegi (illýustrasiýasy) üçin suratlary özi çekipdir. Ondan başga-da M.Lermontowyň Kawkaz temasy boýunça surat eserleri özboluşly meşhurlyga eýedir.

9. Belli rus dilçisi, ýazyjysy Wladimir Iwanowiç Dal, esasy işi bolan deňizçi serkerdeliginden daşgary, syýahat etmegi, dürli halk amaly-haşam senetçiligini öwrenmegi, üýtgeşik sözleri, jümleleri, nakyllary, aýtgylary toplamagy halapdyr. Onuň düzen meşhur düşündirişli sözlügem W.Dalyň hut şu

güýmenjesinden gelip çykypdyr. W.Dal bütin ömrüniň dowamynda 200 müňdenem gowrak rus diliniň sözlerini toplapdyr (awt: W.Daly rus halkynyň Mahmyt Kaşgarlysy diýip atlandyrsaňam ýalňyş bolmazmyka diýýärin).

10. Meşhur ertekiçi Hans Hristian Anderseniň çynlakaý pişesi teatr bolupdyr.

11. Fransuz ýazyjysy Wiktor Gýugo-da hakdan içen ýazyjylygyndan daşgary zehinli nakgaş bolupdyr. Ol ömrüniň dowamynda 4 000 sany surat we garalama eserlerini döredipdir.

12. Rus basnýaçysy Iwan Andreýewiç Krylowyň täsin güýmenjesi – ol näme üçindir ýangynlary halapdyr. Ýaşaýan şäherinde ýüze çykan ýekeje ýangynam I.Krylowyň ünsünden sypmandyr. Hatda gijäň bir wagtam, iň aýazly ýa-da ýagynly, harasatly gijelerde-de, aýakýeterinde ýangyn tutaşandygyny eşitse, I.Krylow şol ýangyna tomaşa etmäge eňipdir (awt.: Eýsem-de bolsa, ýene-de köpbilmiş psihologlaň ýardamyna söýensek, megerem olar I.Krylowa “ýaşyryn piroman” diýen diagnozy goýsalar gerek  ).

13. Nusgawy rus ýazyjy Iwan Sergeýewiç Turgenewiňem birnäçe pişesi bar ekeni. Ol ilki bilen-ä ölemen küştçi ekeni. Çagalygynda küşt oýnuna gyzygan I.Turgenew soňabaka bu oýna hasam ökdeläp, ony küştde utýan az-az ekeni. Ondan başga-da I.Turgenewiň hobbileri aw etmek, balyk tutmak hem-de öz dogduk mekanynda uzak wagtlap seýil etmek bolupdyr. Onuň soňky pişeleri ýazyjyň ajaýyp eserleriniň ýazylmagyna-da sebäp bolupdyr.

14. Iňlis nusgawy kyssaçysy Çarlz Dikkensiň pişesi hasam geň-taň bolupdyr. Ol Parižiň jesethanasynda (morgunda) jesetlere tomaşa etmegi halapdyr. Ol esasanam meşhur adamlaň jesetlerini synlamagy eý görüpdir. Hasam täsin ýeri, bu pişesini ýazyjy hiç kesden gizlemändir, gaýta özüniň betnyşanlyga, ýürekbulanjylyga ýykgyn edýändigini öwran-öwran gaýtalar ekeni.

15. Fransuz nusgawy ýazyjysy Onore de Balzagyň iki pişesi bar ekeni: Dünýä we fransuz edebiýatynyň nusgawy eserleri hem-de kofe. Balzak uzakly günläp yzba-yz kofe içip gezmegi, kähalatda günüň dowamynda 20 bulgurdanam gowrak kofe içmegi başarypdyr. Edebiýatşynaslaň hasaplamalaryna görä, Balzak özüniň adybelli “Adamzat komediýasy” atly eserini ýazan döwründe 15 müň bulgur kofe içipdir. (Awt.: Ýeri gelende aýtsak, bu içgi Wolteriňem eý görýän içgisi bolupdyr. Aýdyşlaryna görä, Wolter günüň dowamynda 50 bulgurdanam köp kofe içmegi başarypdyr. Ýöne, taryhy maglumatlara laýyklykda, ol döwrüň “bulgur (jyklary)”, biziň döwrümiziň “BULGUR (lary)” ýaly, “onki litr” sygýan bedre göwrümli bolmandyr. Birki owurtlyk, çaklaňja, “aňryňa habar, bäriňe tagam berýän”, içýakgyçja müjüljelikler :-)).

16. Aleksandr Dýuma – ulusynyň bolsa, esasy güýmenjesi – ol ölemen aýalbaz bolupdyr. Ol bütin ömrüniň dowamynda ýekeje zenana-da wepadarlygyny saklamandyr. Ol hatda özüniň zynada doglan 500 çagasynyň bardygy bilen gaýta-gaýta öwüner ekeni. Şol çagalarynyň içinde-de ol diňe üçüsiniň kakasydygyny resmi ykrar etdiripdir. Döwürdeşleriniň ýazmagyna görä, soň-soňlar, ol garranda, onuň öýüne ogly Aleksandr Dýuma – kiçisi myhmançylyga gelende, A.Dýuma öýündäki ýarym-ýalaňaç aýallary nirede bukjagyny bilmän, başagaý bolar ekeni.

17. Amerikan ýazyjysy Mark Tweniň pişesi, ol ylym we tehnika bilen örän gyzyklanypdyr hem-de Nikola Teslaň dosty bolupdyr. Ondan başga-da M.Twen jalbaryň biline gysgyç iltelip, egnaşyr atylan, jalbar saklaýjy kemeriň (подтяжка) ýerini tutýan enjamy oýlap tapyp, şol oýlap tapyşyna patent alypdyr.

18. Başdan geçirmeler romanynyň ussady Žýul Wern kartalary we ýolgörkezijileri toplamak bilen meşgullanypdyr. Şol pişesem oňa özüniň syýahatlar bilen bagly meşhur, nusgawy eserlerini ýazmaga ýardam beripdir.

19. Lew Nikolaýewiç Tolstoý atyň deregine azala özüni dakyp, ýer sürmegi halapdyr. Ondan başga-da ol ädik tikmegi, ýaşy

birçene barandan soň bolsa tigirde gezelenç etmegi eý görüpdir. Şeýle-de ol ölemen küştçi bolupdyr. L.Tolstoýyň terjimehalyny ýazan Eýlmer Mod onuň bilen köplenç küşt oýnar ekeni we ol ýazyjyň bu pişesi hakda, L.Tolstoýyň küşt oýny hakda hiç hili kitap okamasa-da, örän köp oýnaýandygy, hüşgärlik hem-de ýitilik ukyplarynyň bardygy sebäpli, onuň küştde howply garşydaşdygyny belläp geçipdir.

20. Fýodor Mihaýlowiç Dostoýewskiýniň hyjuwly pişesi, ol barypýatan humarbaz bolupdyr. Hut şol zyýanly pişesi zerarlam onuň hemişe diýen ýaly bergisi başyndan agdyk bolup, ol hemme galamhaklaryny diýen ýaly humara goýar ýörer ekeni.

21. Nusgawy rus şahyry Nikolaý Aleksandrowiç Nekrasow aw tüpeňlerini toplamagy halapdyr. Ol bütin ömrüniň dowamynda aw tüpeňleriniň 64 görnüşini jemläpdir.

22. Amerikan mistik ýazyjysy Edgar Alan Poň pişesi – ol ölemen şeraphor bolupdyr. Hut şol zyýanly endigi zerarly ol birnäçe gezek, alkogol zäherlenmesiniň iň agyr netijeleriniň biri bolan “ak gyzdyrma” bilen hassahana düşüpdir, ol ýerde göze görünmeýän mahluklar (salgymlar) bilen urşupdyr, paýyş-paýyş sögüşipdir. Aýtmaklaryna görä, 1949-njy ýyldan başlap, onuň Baltimordaky mazarynyň başujunda ýazyjyň näbelli muşdaklary, “Martel” ýa-da “Hennesi” içgisiniň çüýşesini aram-aram goýup gaýdýarmyşlar.

23. Rus ýazyjysy Aleksandr Iwanowiç Kuprin töwekgelçiligi halapdyr. Häzirki döwürde onuň ýaly adamlara “ekstremal” diýýärler. Şol sebäpli-de A.Kupriniň eý görýän pişeleri howa şarlarynda, uçarda uçmak, ok atmak, ýüzmek, çapyksuwarlyk, agyr atletika, çilik oýnuna çalymdaş ruslaryň lapta oýny bolupdyr.

24. Anton Pawlowiç Çehow filatelist (poçta markalaryny toplaýjy) bolupdyr. Ol öz dostlaryndan hat bukjalaryna ýelmenen markalary zyňman, özüne peşgeş bermegi gaýta-gaýta haýyş eder ekeni. Ondan başga-da ol taksa jynsly itleri

halapdyr. Onuň özünde gara reňkli Brom Isaýewiç we çypar reňkli Hina Markowna atly taksa itleri bolupdyr. Bu itleriniň adyny käri boýunça lukman bolan A.Çehow kärine goýýan hormaty hökmünde saýlap alypdyr. Sebäbi brom we hina şol döwürlerde meşhur derman serişdeleri ekeni.

25. Britan detektiw ýazyjysy Agata Kristiň özi, özüniň esasy işi hökmünde kitap ýazmagy we ärli aýal bolmagy agzan bolsa, onuň iki sany pişesi bolupdyr. Arheologiýa, zäherleri öwrenmek. A.Kristi taryhy gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan tapyndyny bir gezek özüniň ýüze çalynýan kremi bilen arassalandygyny hem belläpdir. Onuň zäherleri öwrenmek bilen bagly pişesi bolsa, onuň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren detektiw eserlerini ýazmagyna ýardam beripdir.

26. Žorž Simenonyň pişesi telefon kitabyndan atlary we familiýalary, soň olary öz eserlerinde ulanmak üçin göçürmek bolupdyr.

27. Iňlis fantasty Gerbert Uells galaýydan oýnawaç esgerjikleri toplamagy halapdyr.

28. Amerikan ýazyjysy Frensis Skott Fitsžerald çagalykda futbol bilen juda gyzyklanypdyr. Ýaşlygynda ol Prinston uniwersitetiniň ýygyndy toparynda oýnapdyr.

29. Nobel baýragynyň eýesi Anatol Frans jaňjagazlary toplamak bilen meşgullanypdyr.

30. Frans Kafka jynsy taýdan aç-açan suratjyklary toplapdyr we onuň uly kolleksiýasy bar ekeni.

31. Rus şahyry, ýazyjysy Ilýa Erenburg (1891-1967) şybyk toplamagy eý görüpdir. “On üç şybyk” powestiniň awtoryndan näme üçin hut şybyk kolleksionirleýändigini soranlarynda, ol hyjuwyň närsesini (predmetini) saýlamaýandyklaryny, onuň öz-özünden emele gelýändigini aýdyp jogap beripdir. I.Erenburg öz toplan şybyklaryny ýekeje gezek ulanmaga hatda dostlaryna-da bermändir.

32. Mihail Bulgakow özüniň gören hemme spektakllaryna petekleri toplapdyr. Ýöne onuň bujagaz ýönekeý pişesinden başga, ol morfiý neşekeşi bolupdyr. Hut şu zyýanly pişesem onuň “Morfiý” hekaýasynyň şeýle ýiti bolmagyna täsir eden bolsa gerek. Bir gezek, M.Bulgakowyň özünden bu zyýanly pişesini näme üçin taşlamaýandygy hakda soranlarynda ol: “Morfiýden erbedräk zatlaram kän, ýöne gowusy ýok” diýip jogap berenmiş.

33. Nobel baýragynyň laureaty Iwan Alekseýewiç Bunin dermanlaryň boş çüýşejiklerini we gutujyklaryny toplapdyr. Ondan başga-da ol täze neşir edilen lukmançylyk sözlüklerini satyn alypdyr, öýünde dürli melhemlik ot-çöpleri saklapdyr.

34. Iňlis ýazyjysy Oskar Uaýld portsigarlary, hasajyklary we galstuklar üçin gysgyçlary toplapdyr. Ondan başga-da ýazyjy aşpezlik sungaty boýunça seýrek kitaplary toplapdyr.

35. Meşhur ýazyjy Jon R.R. Tolkiýen dürli ösümlikleri ýetişdirmegi we olara ideg etmegi halapdyr. Onuň özüniň ýörite ösümlikhanasy (oranžereýasy) bolupdyr.

36. Meşhur “Lolitaň” awtory, Wladimir Nabokow ölemen lepidopterolog (kebelekleri öwreniji hünärmen) bolupdyr. Ol ömürboýy kebelekleriň ýörite usulda guradylan gurjaklaryny toplapdyr. Ondan başga-da ol boks bilen örän gyzyklanypdyr.

37. Amerikan ýazyjy hanymy Flanneri O’Konnor diňe bir ykrar edilen karikaturaçy (gülkünç surajyklary çekýän suratkeş) bolman, eýsem, ölemen guşçy (ornitolog) bolupdyr. Ol öz mülkünde tawuslaň 100 görnüşinden gowragyny, towuklary, ördekleri, guwlary, gazlary hem-de guşlaryň beýleki görnüşlerini ösdürip ýetişdiripdir.

38. “On iki oturgyç”, “Altyn gölejik” atly meşhur eserleriň awtorlarynyň biri Ýewgeniý Petrow özüniň ýazan hatlarynyň bukjalaryny toplamagy halapdyr. Ol özüniň oýlap tapan haýsam bolsa ýok salgylaryna hat ýazypdyr. Onsoň takmynan bir aýdan soň onuň iberen haty, onuň ýollan adresiniň tapylmandygy

sebäpli, dürli poçta möhürlerinden doly görnüşde yzyna gelipdir.
Bir gezek bolsa, 1939-njy ýylda Ý.Petrow nobatdaky salgyny oýlap tapyp, “Täze Zelandiýa, Haýdberwill şäheri, Raýtbiç köçesi, 7-nji jaý, Merill Ojin Uezlä” diýen salga şu aşakdaky mazmunda hat ýollapdyr:
“Mähriban Merill!
Pit daýyň aradan çykmagy bilen baglanyşykly çynlakaý gynanjymy kabul et! Gaýrat et, gadyrdan! Uzak wagtlap ýazmandygymy bagyşla! Ingrid bilen hemme zadyň gowudygyna umyt edýän. Gyzjagazyňy meniň adymdan öp. Megerem, ol eýýäm ullakan gyz bolandyr. Seniň Ýewgeniň.”.
Şol ýylyň awgustynda bolsa, ýazyja “Täze Zelandiýa, Haýdberwilliň poçtasy” diýen salgydan jogap haty gelipdir. Ol hatda şeýle ýazylypdyr:
“Gadyrly Ýewgeniý!
Duýgudaşlygyňa sag bol! Pit daýyň bolgusyz ölümi bizi ýarymýyllagrak wagta serpmeden gaýdan ýaly etdi. Sen hatyň jogabyny gijikdirenimiz üçin günämizi ötersiň diýip umyt edýäris. Biz Ingrid bilen seniň biziň ýanymyzda bolan şol iki günüňi ýygy-ýygydan ýatlaýarys. Gloriýa eýýäm ullakan gyzjagaz we güýzde 2-nji synpa okuwa gitmeli. Ol henizem seniň Russiýadan oňa getirip beren aýyjygyňy aýap saklap ýör.”.

39. Sowet ýazyjysy we dramaturgy Walentin Kataýew kepka toplamak bilen gyzygypdyr. Ol öz toplan kepkalary hakda örän köp gyzykly wakalary gürrüň berer ekeni. W.Kataýewiň kolleksiýasynda ilkinji rus sürüjileriniň, uçarmanlarynyň, geçen asyryň 20-nji ýyllarynda sergezdan çagalaň arasynda ýörgünli bolan kepkalaryň dürli görnüşleri, şol sanda adybelli artistleriň, ýazyjylaryň, nakgaşlaryň, kompozitorlaryň geýen kepkalary bar ekeni.

40. Şahyr Eduar Bagriskiý saýrak guşlary we akwarium balyklaryny kolleksionirläpdir. Öz döwürdeşleriniň arasynda ol akwarium balyklary, olara ideg etmek boýunça ussat hasaplanypdyr.

41. Ernest Hemingueý aw etmegi, balykçylygy, syýahat etmegi, korridany (öküzler bilen söweşilýän ispan milli sporty), pişikleri halapdyr. Onuň ýene-de bir gyzyklanmasy boks bolup, ol hatda professional derejede ringde-de ençeme gezek çykyş edipdir. “Beýik Hemiň” eý gören pişeleri onuň her bir eseriniň içinden diýen ýaly eriş-argaç bolup geçýär.

42. “Atlant egnini gerýär” hem-de “Gözbaş” atly meşhur kitaplaryň ýazary, hanym Aýn Rend dynç almak üçin poçta markalaryny toplamaga meşgullanypdyr. Ýazyjyň hut şu pişesiniň hormatyna, ABŞ-nyň Poçta gullugy 1999-njy ýylyň 22-nji aprelinde hanym Aýn Rende we onuň döredijiligine bagyşlanan poçta markasyny çykarypdyr.

43. “Drakulaň” awtory Brem Stokeriň pişesi bütindünýä dildüwşügi bilen baglanyşykly konspirologiýa teoriýasynyň subutnamalaryny toplamak bolupdyr.

44. Nobel baýragyny eýesi Iosif Brodskiý pişikleri juda gowy görüpdir we olary hatda öz ungany (totemi) derejesinde hasaplapdyr. Ol olaryň suratlaryny çekipdir, geplände özüniň oýlap tapan pişik diliniň sözjagazlaryny ulanypdyr we özüniň indiki ömründe pişik bolup dogulmagy arzuw edýändigi hakynda dostlaryna birnäçe sapar aýdypdyr.

45. Meşhur Haruki Murakami ylgamagy ölemen halaýar. Ondan başga-da ol jaz sazyny diňlemegi biçak gowy görýär. Onuň özüniň aýtmagyna görä, ol jazy günüň dowamynda 10 sagatlap, köp ýyllap diňlemäge-de taýýar. H.Murakami özüniň jazdan, esasanam Maýlz Dewisiň sazyndan ylham alýandygyny ýazypdyr.

46. Meşhur amerikan horror (gorkunç eserler) ýazyjysy Stiwen King üç zady pişe edinýär: 1. Nusgawy edebiýaty okamak (Onuň söýgüli ýazyjysy Somerset Moem); 2. Rok sazlaryny diňlemek; 3. Gitarada saz çalmak.
S.King höwesjeňleň rok saz toparynda aram-aram saz çalýar. Ondan başga-da ol beýsbol oýnamagy halaýar we belli türgenleriň goly çekilen (awtografy goýlan) beýsbol toplaryny

ýygnaýar.

47. Rus fantast ýazyjysy Sergeý Lukýanenko dürli ýasama syçanlary – marsipandan (badam maňzy üwelip, eredilen şeker garylyp ýasalan tagam), ebgineden (hrustal), daşdan, şokoladdan, farfordan, agaçdan we ş.m. syçanjyklary toplamagy halaýar.

48. Rus ýazyjy hanymy Aleksandra Marinina dürli materiallardan (kümüş, altyn, demir, mis, bürünç, toýun, farfor we ş.m.) ýasalan, gymmatbaha, seýrek (raritet) jaňjagazlary toplamagy halaýar.

49. Belli rus ýazyjysy Zahar Prilepin ýazyjylygyndan we teleýaýlymda alyp baryjylygyndan daşgary, rep sazlaryny çalmak hem-de aýdymlaryny aýtmak bilen meşgullanýar.

50. Nobel baýragynyň eýesi Orhan Pamuk çagalykda surat çekmek bilen örän gyzyklanypdyr. Edebiýaty öwrenijiler hut şol pişesiniňem onuň döredijiligine ýiti täsir edendigini hem-de onuň eserleriniň şeýle özüneçekiji bolmagyna getirendigini belleýärler.

**Çeşmeler:**

*1. https://pulse.mail.ru/article/chem-uvlekalis-klassiki-top-10-neobychnyh-hobbi-velikih-russkih-pisatelej. 28.11.2021ý.*
*2. https//bookmix.ru/blogs/note.phtml. 28.11.2021ý.*
*3. http://www.child-lib.com/index.php/1646-kakie-khobbi-krome-literaturnogo-tvorchestva-byli-u-izvestnykh-russkikh-pisatelej-i-poetov-ch-1. 28.11.2021ý.*
*4. https://zhiznteatr.mirtesen.ru/blog/43981189185/Neobyichnyie-hobbi-russkih-pisateley. 28.11.2021ý.*
*5. https://www.pravda.ru/society/1505429-hobbi/. 28.11.2021ý.*
*6. https://www.officeplankton.com.ua/books/strannye-hobbi-uvleche*

*niya-pisatelej.html. 28.11.2021ý.*
*7. https//zen.yandex.ru/media/id/orhan-pamuk-kak-uvlechenie-jivopisiu-sdelalo-ego-samym-krasochnym-pisatelem. 28.11.2021ý.*
Edebiýaty öwreniş